# Bolsun bütewi

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Bolsun bütewi

BOLSUN BÜTEWI

Özgäñ bagtyn alyp, bagtly bolandan,
Bolmazlyk ýagşy.
Birini agladyp, özüñ gülenden,
Gülmäniñ ýagşy.

Señ bagtyña hiç kim şärik bilmasa,
Özüñki bolsa!
Asla bagt diýlen zat gelen mahaly,
Bitewi gelse.

Diñe şonda ony bagryña basyp,
Guwanyp bolar.
Ýalñyz özüñem däl, ähli dost-ýarlañ,
Begenip biler.

Şeýle bagtyñ bolsa… Ýogsam hiç kimi,
Söýmezlik ýagşy.
Ýa-da bähbit arap ýoldaş tapandan,
Ýalñyzlyk ýagşy.
Özgäñ bagtyn alyp bagtly bolandan,
Bolmazlyk ýagşy.

Baýram JÜTDIÝEW.

Goşgular